# Uçýan Lela

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 21 января, 2025
Uçýan Lela UÇÝAN LELA



Men ilki başda ol meniñ böwregimiñ keselini anyklap bilermi diýip soradym. Lela gözlerini giñden açyp meniñ ýagyrnyma ünsli seredip başlady. Birki minutdan ol haýran galyjylykly eginlerini gysdy-da meniñ iki böwregimiñ sagatlygyny aýtdy. Bir-ä agyrýar diýip, men öz diýenime tutdum. Ol ýene-de üns bilen meniñ guşaklygyma äñetdi, soñra bolsa meniñ böwreklerimde diñe bir kadadan gyşarmalar däl, hiç hili çägäniñde ýoklugyny ynamly nygtady. Men, hakykatdanam böwreklerimden hiç wagt ejir çekmänligimi boýun almaly boldum.
Lela ýap-ýaňy 12 ýaşyny doldurdy. Ýöne onuñ medisina praktikasy welin ýeterlik. Men onuñ diñe iki pasienti bilen gürrüñdeş boldum. Syrkaw B. diýen biri garnyndaky agyrdan köp ýyllap ejir çekipdir. Wraçlar dürli-dürli garyn agyry

diagnozlaryny goýupdyrlar, bejeripdirler…
Ýene netijesiz bolupdyr. Geçen ýylyň 22-nji sentýabrynda syrkaw B. özüni Lela görkezdi. Gyzjagaz onuň garnyndan hiç hili patologiýa tapmady, ýöne onuň bogazynda çişiň bardygyny »gördi». Syrkawy rentgene düşürenlerinde ol çişi görmediler. Garynagyryny bejerip başladylar. Dekabrda syrkawyň ýagdaýy has-da agyrlaşýar. Ol özüni ýene bir gezek Lela görkezýär. Gyzjagaz indi gözlerini gyrpman, bogazyndaky çişiň has ulalandygyny aýtdy. Bu gezek ony rentgende-de tassykladylar. Ýylyň başynda onkolog-hirurglar syrkawy bogazyndan operasiýa etdiler, häzir ol sag gezip ýör.
L. diýen syrkawa bolsa wraçlar uzak wagtlap şol bir mioma diýen diagnozy goýdular. Lela bolsa onda düýbünden başga kesel »gördi». Özem onuň aýdany dogry boldy.
Düşnükli sebäplere görä, mundan ýiti fenomenal sýujetleriň yzynda durup biljek däl. Emma bu hakda gürrüň welin gerekmikä diýip hasaplaýaryn.
Eger Lela ökde toslaýjy bolaýanda-da onuň baý toslamalary akylyň oýlap tapyjylyk ukybyna üns bermäge mynasypdyr. Özüňiz pikir edip görüň. Eger Lelanyň özünden uly aýal dogany hiç wagt we hiç zatda ata-enesini-de, ýakyn garyndaşlaryny-da haýran galdyrmandy. Emma Lela welin, onuň enesiniň gürrüb berşi ýaly, eýýäm doglan gününiniň bäşinji gününde geň galdyryjy hem-de garaşylmadyk oslagsyz »sowgat» görkezdi. Ol şeýle bolupdy. Onuň kakasy ofiser (häzir ol polkownik) çaga dogrulýan öýe geldi-de çagasyny hem aýalyny alyp zastawa gitdi. Birden ýarym ýoluna baranda enänem, atanam güýçli tolgunma gurşap aldy. Olaryň göwnüne bolmasa gundogda bir üýtgeşik zat bolýan ýaly bolupdyr.
Düşnüksiz gorky duýgusyndan ýaňa olar saklansalar-da gundagy açyp, çaga seretmäge ýürek etmändirler. Geplemän yzyna öwrülip gelipdirler-de çagany geň galan enekäniň eline tutdurupdyrlar. »Gör ahyry muny». Eneke gundagy açyp gygyryp goýberipdir. Çaga birhili, öňki çaga meňzänokdy… »Emma birden» ol ýene-de öňki çaga öwrülipdir. Onsoň ata-enesem eginlerini gysyp, ýene-de ony öýüne alyp gaýdypdyrlar. Aradan birnäçe aý geçenden soň şuňa meňzeş zat gaýtalandy. Ene gijäniň bir mahaly güýçli tolgunma bilen oýanyp, hysyrdap baryp çaganyň ýatan krowatjygyna seredýär. Ýene-de görse »çaga, çaga meňzänokdy…» O nähili meňzemeýärdi? Onda nämä meňzeýärdi. Ene muny häzirem düşündirip bilenok: »Ol hiç zat diýip düşündirip bolmaýan bir

zat… Emma ýene birnäçe minutdan »hemmesi öňküsi ýaly bolýar».
Lela adatdakydan çalt ulaldy. Ol maňa hiç wagt baba şeýle-şeýle diýdi diýip aýtmady-da, baba şuň ýaly zady pikir etdi… diýip aýtdy. Dört ýaşyndan başlap, ol kosmosa uçup başlapdyr. Esasanam, Aýa. Onuň teni hamana çuňňur uky ýagdaýynda ýaly, az pikiri bolsa uzakda, Älemde aýlanyp ýör.
Lelanyň gürrüňine görä Aý iň oňat planeta. Ol ýerde kiçijik ýaşyl adamjagazlar we ölen dini sanownikleriň ruhlary ýaşaýar. Ölen ýönekeý adamlaryň ruhlary bolsa Aýa goýberilýärmiş, olar özüniň birinji etapynda Ýeriň görünmeýän ýaňy hasaplanýan 7-nji nomerli planeta barýarlar. Özem Ýer bilen Aýyň arasynda gatnaýan sekizlik boýunça gidýär, ýagny Ýeri aýlanyp, Aýyň orbitasyna geçýär we ýene Ýere. 20 ýyldan soň ölen adamyň ruhy, haýsydyr bir mekdebi geçip, özüni mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin başga ýagdaýlara geçýär. »Çallenjer» hem edil şol wagt onuň startynyň ýokarsyndan we Ýere örän ýakyn ýerden geçen 7-nji nomerli planeta baryp girenligi üçin heläkçilige uçrady. Soň oç başga Günün Ogly tarapyndan şöhlelendirilýän galaktikadaky 800-nji nomerli planeta bilen gyzyklandy. Ol planeta Aýdan takmynan 4 esse kiçi bolup, onda üç metrlik adama meňzeş ägirtleriň we ýaşyl reňkli göýdükleriň ýaşaýanlygy bilen gyzyklydyr.
»Sekiz ýüzünjide» hemişelik ýagty gün şöhlesi we hemişelik tomus bar. »Sekizýüzinjiler» rus dilinde gürleýärler, diňe bir az owlak aksenti bar hem-de ähli atlara »ow» goşulmasyny goşýarlar. Ägirtler örän intellektual jandarlardyr, ýaşyl reňkliler bolsa, tersine ýene bir gyzykly ýeri, olar özleriniň tarelkalarynda biziň Ýerimize uçýarlar. Ägirtler, düzgün boýunça korably sürýärler, ýaşyl reňkliler gol astyndakylaryň roluny ýerine ýetirýärler. Marsda olaryň geçiriş bazasy bar.
Olaryň ajaýyp sazy bar, olar beýleki siwilizasiýalardan getirilenem däl.
Lela mundan bir aý öň alnyp berlen pioninanyň başyna baryp, »haýsydyr bir »ýeriňki däl» sazy çaldy welin, meniň ýokary saza bolan biperwaýlygymy-da haýran galdyrdy.
»Ot walsy» diýip, Lela düşündirdi.
»Sekizýüzünjide» balet, teatrlar… bar.
Lela olaryň durmuşy, edýän işi, özlerini alyp barşy hakynda köp gürrüň berdi. Mundan birnäçe ýyl öň Lelanyň ata-enesi ony Moskwa 6-njy çagalar psihiatriki keselhanasyna getirýärler. Enäniň gürrüň bermegine görä, wraçlaryň daşyndan gözegçilik

etmegi hiç bir netije bermedi. Spesialistler ony psihiki taýdan doly sagdyn çaga diýip hasapladylar.

Men Lelanyñ gürrüñleriniñ hakykatlygyny ynandyrjak bolamok. Ýöne olary inkär etmek hem men tarapdan nadanlyk bolardy. Onsoñam oñatja pikir etseñ, bu ýerde geñ galar ýaly we adatdan daşary hadysa-da ýok. Ol adamyñ içki organlaryny görýär, görende näme? Her bir göreji ýiti adam daş-töweregini we özüni gurşap alan uzakdaky zatlary görýär. Bu näme adam organizminiñ tebigatynyñ düşündirip bolmaýan geñligi dälmi? Biziñ daş-töweregimizdäki dünýäñi görüp bilmek ukybymyz hiç kimi geñ galdyranok.

Men gowusy bu temadan pikirlenmeleri uzaldyp oturman, şu mesele bilen bilimli, okyjylara fenomen bilen düşündirmäge kömek sorap ýüzlenýärin. Paş etmeli, tassyklamaly, hakyky barlagyñ başyna barmaly… Eger-de, degişli taýýarlykly bolan alymlar şu işiñ başyna geçseler men şat bolardym. Olara biziñ gahrymanymyzyñ adresini, şeýle-de onuñ hakyky adyny aýdardym.

N.WARSEGOW.

«Komsomolskaýa prawda» gazeti. Geň-taňsy wakalar